PROGRES

SAGLYK

2023

# Onlaýn zulumlar

## oflaýn dünýäniň aýnasy

*Türkmenistanyň ilaty aýal-gyzlaryň statusy barada nähili pikirde?*

**Progres Fondy** Türkmenistanyň halkyna peýdaly bolan dürli progressiw başlangyçlary goldaýar. Progres.online onlaýn analitiki žurnal bolup, ýokary hilli barlaglaryň we derňewleriň üsti bilen Türkmenistandaky jemgyýetçilik tendensiýalarynyň aýratynlyklaryna düşünmegi öňe sürýär.

Progres Fondunyň uly we esasy programmasy Saglyk **(Saglyk.org)** 2009-njy ýyldan bäri ilatyň saglyk sowatlylygyny ösdürmek ugrunda işläp gelýär. Pandemiýa döwründe, Saglyk türkmen dilinde COVID-19 barada maglumat bermekde esasy çeşmä öwrüldi. Işimiziň ileri tutulýan ugurlaryndan biri Türkmenistanyň halkyna jynsy we reproduktiw saglyk sowatlylygy we hukuklary babatda ýokary hilli maglumatlary elýeterli etmekdir. Häzirki wagtda, Saglyk.org türkmen dilinde gürleýän aýallaryň we erkekleriň ylma, subutnama esaslanýan şeýle maglumatlary alyp biljek ýeke-täk websaýtydyr. On ýyldan gowrak işimiziň dowamynda, bu temalar boýunça türkmen dilinde 700-den köp makala taýýarladyk.

Saglygyň başlangyçlary barada soňky sahypada giňişleýin okap bilersiňiz.

## Minnetdarlyk

Progres Fondy we Saglyk ideýalary, ylhamy we ýardamlary bilen bu hasabaty taýýarlamaga goşant goşanlara we islegi boýunça anonimligini saklaýanlara minnetdarlygyny bildirýär.

Bu hasabatyň gözleg prosesiniň dürli tapgyrlaryna gatnaşmaga razy bolan ähli adamlaryň garaýyşlaryny neşirýadyň şekillendirmeýändigini tassyklaýarys.

Bu neşir Progres Fondunyň we Saglygyň salgylaryny görkezip, täjirçilik maksady bolmadyk islendik mediýada üýtgedilmän, dolulygyna ýa-da diňe esasy netijeleri jemleýän gysgaça mazmun hökmünde paýlaşylyp bilner.

Progres Fondy ideýalary, teklipleri we hyzmatdaşlygy uly höwes bilen garşylaýar. Biziň bilen turkmen.progres@gmail.com adresinden habarlaşyp bilersiňiz.

2023 Progres Fondy tarapyndan çap edildi

# Hasabatda ulanylan Gysgaltmalaryň we Esasy Adalgalaryň sanawy

## GYSGALTMALAR

| | |
|---|---|
| **AGDÝK** | Aýallara Garşy Diskriminasiýanyň ähli görnüşlerini Ýok etmek baradaky Konwensiýa |
| **ÝG** | Ýewropa Geňeşi |
| **RJG** | Raýat Jemgyýeti Guramasy |
| **GEZ** | Gender Esasly Zorluk |
| **KGKB** | Köp Görkezijili Klasterleýin Barlag |
| **ŞKM** | Şahsyýeti Kesgitleýän Maglumatlar |
| **DÖM** | Durnukly Ösüş Maksatlary |
| **BMG** | Birleşen Milletler Guramasy |
| **BMG Zenanlary** | Birleşen Milletler Guramasynyň Gender Deňligi we Aýallary Güýçlendirmek boýunça Edarasy |
| **UNFPA** | Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy |
| **ÝUNISEF** | Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasy |
| **AGGZ** | Aýallara we Gyzlara Garşy Zorluk |
| **VPN** | Wirtual Hususy Tor |

## ESASY ADALGALAR

### Kiber zulum

Kompýuter ulgamlarynyň üsti bilen adamlara garşy fiziki, jynsy, psihologik, ykdysady zyýan ýa-da jepa berjek zulumy döretmek, üpjün etmek ýa-da haýbat atmak. Bu adamyň hal-ýagdaýynyň, häsiýetiniň ýa-da gowşaklygynyň ekspluatasiýasyny hem öz içine alyp biler.[1]

### Aýallara we gyzlara garşy kiber zorluk

Elektron aragatnaşyk we internet arkaly amala aşyrylýan gender esasly zorluk.[2]

### Feminizm

Feminizm jynsparazlygyň, jynsparaz ekspluatasiýanyň we sütemiň soňuna çykmak hem-de kanuny we amaly taýdan gender deňligini doly gazanmak ugrundaky hereket.[3]

### Gender esasly zorluk

Gender esasly zorluk gender deňsizliginde düýpli kök uran hadysadyr we ähli jemgyýetlerde iň ýaýbaňlanan adam hukuklary bozulmalarynyň biri bolmagyny dowam edýär. GEZ adamyň genderi sebäpli oňa garşy edilýän zorlukdyr. Aýallaryň we erkekleriň ikisi-de GEZ-i başdan geçirýärler, ýöne pidalaryň aglabasy aýallar we gyzlar.[4]

### Gender deňligi

Gender deňligi - aýallaryň we erkekleriň deň hukuklara, jogapkärçiliklere we mümkinçiliklere eýe bolmagy. Deňlik aýallaryň we erkekleriň birmeňzeş bol-

1. https://www.coe.int/en/web/cyberviolence
2. https://eige.europa.eu/gender-based-violence/cyber-violence-against-women
3. https://www.coe.int/en/web/gender-matters/feminism-and-women-s-rights-movements
4. https://eige.europa.eu/gender-based-violence/what-is-gender-based-violence

magyny aňlatmaýar. Emma, aýallaryň we erkekleriň hukuklary, jogapkärçilikleri we mümkinçilikleri olaryň erkek ýa-da aýal bolup dogulmagyna bagly bolmaly däl. Gender deňligi aýallaryň we erkekleriň aýry toparlarynyň köpdürlüligini ykrar edip, aýallaryň we erkekleriň gyzyklanmalarynyň, zerurlyklarynyň we wajyplyklarynyň göz öňünde tutulmagyny aňladýar.[5]

## Ýigrençli dil

Tarapgöýlik, köre-körlük ýa ýigrenç bilen adamyň ýa-da toparyň şahsyýetine gönükdirilen, göwne degiji we kemsidiji dili, şol sanda äsgermezlik ediji, erbet düşünje beriji, abraýyna şek ýetiriji we diskriminirleýji sözleri öz içine alýan islendik çykyş, ýazgy ýa hereket.[6] BMG-nyň bu kesgitlemesi uzaldylyp, oňa aýal-gyzlary ýigrenmegi (mizoginiýa), aýallaryň özüni alyp barşyny we daş keşbini ýazgarmagy, aýallaryň maddylaşdyrylmagyny/seksuallaşdyrylmagyny öz içine alýan ÝG-nyň Jynsparaz ýigrençli dile berýän kesgitlemesi goşuldy.

## Aýallara we gyzlara garşy zorluk

Köpçülikde ýa-da şahsy durmuşda bolýandygyna garamazdan, adam hukuklarynyň bozulmagy we aýal-gyzlara garşy diskriminasiýanyň, şol sanda GEZ-iň ähli görnüşleri degişli bolup, aýallaryň fiziki, jynsy, psihologik we ykdysady zyýan ýa ejir çekmegine, şeýle hem süteme ýa-da delilsiz azatlykdan mahrum etmek ýaly howplara sebäp bolýan ýa-da şeýle netijelere eltjek hereketler.[7]

5. https://www.un.org/womenwatch/osagi/conceptsandefinitions.htm
6. https://www.un.org/en/hate-speech/understanding-hate-speech/what-is-hate-speech
7. https://eige.europa.eu/thesaurus/terms/1426

# Mazmuny


**Gysgaça Mazmuny** 5

*Netijeler, sanlar we tendensiýalar* 5

**Giriş** 8

**Usulyýet** 11

**Barlagyň Çarçuwasy we Çäklendirmeleri** 13

**Netijeler** 15

*Agdyklyk edýän temalar* 15

*Dil dürlülikleri* 18

*Platforma dürlülikleri* 19

*Maglumat çeşmeleri* 21

*Kontent dürlülikleri* 22

*Töwekgelçilik derejesiniň ölçegleri* 25

*Gender dürlülikleri* 26

**Tematik barlaglar** 29

*Tematik barlag 1: Jemgyýetçilik ýerinde öýdäki zorluk sahnasyny öz içine alýan internetde ýaýran wideo* 29

*1.1: GEZ-e garşy hukuk goraýjylaryň gizlin jynsparazlygy* 29

*1.2: Öýdäki zorluk şahsy mesele - DÄL!* 29

*1.3: Mazmunlaýyn gürrüňdeşlik - hökümetiň gözellik salonlaryna ýakynda girizen çäklendirmeleriniň tarapdarymy ýa-da oňa garşymy* 30

*Tematik barlag 2: Hökümetara guramalaryň kampaniýalary üçin saýlaýan nusgalyk şahsyýetleri* 30

*Tematik barlag 3: Mediýa, RJG-lar we hökümetara guramalar* 31

**Maslahatlar** 32

# Gysgaça Mazmuny

Ilkinji sosial mediýa synynyň netijeleri Türkmenistandaky aýal-gyzlaryň onlaýn dünýäde howpdan azat däldigini, şeýle-de soňky iki ýylda olara ýigrenç bilen daraşylmagynyň has artandygyny ýüze çykardy.

Saglygyň synçylar topary Türkmenistanda we onuň diasporasynda sosial mediýa syn we gözegçilik işini geçirdiler. Bu barlag işiniň maksady aýal-gyzlaryň jemgyýetde öz statuslaryna bolan garaýyşlaryna düşünmekdi. Biz erkek adamlaryň hem meselä bolan garaýşyny öwrenmegi makul bildik, çünki ol barada Türkmenistana degişli ylmy barlaglarda ýa-da köpçülikleýin söhbetdeşliklerde agzalman gelinýär. Bu barlagda sosial mediýadan ýygnalan maglumatlar ulanyldy, sebäbi sosial mediýa äleminde adamlar özlerini tanatmazdan pikirlerini aýdyp bilýärler – Türkmenistandaky oflaýn dünýäde welin beýle mümkinçilik ýok diýen ýaly.

Biziň barlagymyzyň netijeleri Türkmenistanyň hökümetine meseläni kabul etmegiň we sanly älemde aýal-gyzlaryň hukuklarynyň goraglylygyny kepillendirmek arkaly, meselä dessin çäreleri görmegiň gaýragoýulmasyz we zerurdygyny görkezýär. Dogry syýasatlaryň durmuşa geçirilmegi howpsuz onlaýn we oflaýn gurşawlaryň döremegine we hukuk bozujylaryň jogapkärçilige çekilmegine ýol açar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda öýdäki zorluga we jynsy erjeşmä degişli hiç hili kanun ýok. Ýurtdaky gender esasly zorluk (GEZ) barada wajyp statistikalar juda az. Ilaty diňlemek arkaly, biz Türkmenistanyň jemgyýetindäki aýal-gyzlara şeýle-de GEZ-e bolan esasy tendensiýalary we garaýyşlary anykladyk. Bu maglumatlaryň ilat içinde uzak wagtlap garaşylandygy we gereklidigi ikuçsuzdyr.

Bu barlagy geçirmek üçin ýörite synçylar topary sosial mediýa gözegçilik etdiler we 44 sany degişli çeşmeden ýekänme-ýekän maglumat ýygnadylar. Biz köpçülik tarapyndan 2 ýylyň dowamynda paýlaşylan 1904 sany posty we teswiri bir ara jemledik. Bular türkmen, rus we iňlis dillerinde bolup, çap edilen seneleri 2020-nji ýylyň ýanwary bilen 2022-nji ýylyň awgusty aralygy öz içine alýar.

## ESASY NETIJELER

Barlagymyzyň netijeleri internet giňişliginiň aýal-gyzlara ep-esli ýigrençli kontendiň (materiallar, teswirler we postlar) gönükdirilmegine mümkinçilik döredýändigini görkezýär. Galyberse-de, zyýanly kontendiň barha artýandygyndan çen tutup aýtsak, hökümetiň soňky wagtlarda girizen çäklendirmeleri ýaly hereketleriniň meseläni has-da ýitileşdiren bolmagy mümkin.[1] Şeýle-de, köp halatlarda ýigrençli kontent özlerini erkek hökmünde tanadýan sosial mediýa ulanyjylaryndan çykýar we aýal ulanyjylar GEZ-e garşylyk görkezip çykyş edýärler.

8. Muňa aýdyň subutnama tapylmady

Mundan başga-da, az mukdarda hem bolsa, sanly älemde gabat gelýän aşa zyýanly kontent ilat howpsuzlygyny ýokary töwekgelçilige salýar. Bu görnüşli ýokary töwekgelçilikli teswirlerdäki zulumyň derejesi haýran galdyrýar, sebäbi olarda aýal-gyzlara gönüden-göni zyýan berme niýeti beýan edilýär.

Barlagyň netijeleriniň gutarnykly däldigini hem-de bütin ilatdaky tendensiýalary şekillendirmeýändigini aýratyn belläp geçmek möhümdir. Çünki toplanan maglumatlar onlaýn çap edilýän, gizlin kanallarda ýa-da messenjerlerde paýlaşylýan kontendiň giňişleýin nusgalaryny öz içine almaýar. Maglumatlar Türkmenistanda we onuň diasporasynda internet we sosial mediýa ulanýanlaryň çap edýän kontendi bilen çäklenýär. Hut şonuň üçin-de, barlagyň netijeleri Türkmenistandaky ähli jemgyýetleri we toparlary şekillendirmeýär. Muňa garamazdan, bu netijeler hem-de maslahatlar Türkmenistandaky öýdäki zorluga we kiber zorluga degişli köpçülikleýin pikir alyşmalary başladyp we olaryň dowam etmegine goldaw berip biler. Netijeler jemgyýetçilik guramalarynyň, Türkmenistanyň hökümetiniň we halkara guramalaryň arasynda söhbetdeşligi dowam etdirmek üçin oňaýly platformanyň döredilmegine ýol açyp biler.

## ESASY SANLAR

- **pozitiw** (24.6%) we **garaşsyz** (31%) kontent bilen deňeşdireniňde, postlaryň we teswirleriň **köpüsi** (44.5%) **aýal-gyzlara** garşy **negatiw tendensiýalary** görkezýär.

- **negatiw kontendiň** has **uly** bölegi (483 post we teswir) internetde özüni **erkek** hökmünde tanadýanlara degişli bolup, deňeçer möçberdäki **garaşsyz** (242 sany) we **pozitiw** (279 sany) postlary we teswirleri **aýallar** paýlaşypdyr.

- **zyýanly** ýa-da **zulumly kontent** barlanylan **nusgalaryň örän az bölegini** düzýär: 2.5% (ýokary töwekgelçilikli) we 5% (orta töwekgelçilikli).

- gürrüňlerde esasy **iki** tema **agdyklyk** edýär: aýallara garşy **ýigrençli dil** we **gender rollary**.

- “**ýigrençli dil**” hem özüni **erkek** hökmünde tanadýanlaryň kontentlerinde **has köp** duş gelip (42.4%), **aýallaryň** kontendi **esasan gender rollaryna** üns çekýär (30.8%).

- **aýallaryň** paýlaşýan kontendiniň agramly bölegi **zorlugy bes etmegi** ündeýär (157 post we teswir). Şol sanda, **erkek** adamlaryň postlarynyň we teswirleriniň köpüsi (112 sany) **zorlugy öňe sürýär**.

## ESASY TENDENSIÝALAR

- ýygnalan maglumatlaryň **2022**-nji ýylda çap edilenleriniň **18%**-e çenlisin aýal-gyzlara garşy zorlugy (**AGGZ**) öňe sürýän kontent **düzýär**. Şol sanda, 2021-nji ýyldakylaryň 2.8%-ni we 2020-däkileriň 10%-ini AGGZ tutýar.

- **ýigrençli dil** ýygy-ýygydan gürrüňleriň **köp** bölegini **eýeläpdir**: **2022-de 27%**, 2021-de 36% we 2020-de 21%.

- **aýal-gyzlaryň üstünliklerine** bagyşlanan kontent **iňlis** dilinde, emma **ýigrençli dilli** kontent **türkmen** dilinde we **gender rollaryna** degişli kontent **rus** dilinde has ýygy duşýar.

- **ýigrençli** dil **YouTube** we **Instagram** platformalarynda, **gender rollaryna** degişli gürrüňdeşlikler bolsa **Facebook**-da has uly orun alýar.

Hasabatyň doly görnüşi bu barlagyň maksady we metodologiýasy barada jikme-jik maglumat berip, Türkmenistanyň hökümetine, Türkmenistandaky halkara guramalara hem-de okyjylara ýöriteleşdirilen maslahatlary hödürleýär.

# Giriş

Bu barlag sosial mediýada we onlaýn çeşmelerde aýal-gyzlara bolan garaýyşlar, olaryň rollary we hukuklary bilen baglanyşykly tendensiýalary kesgitlemegi maksat edinýär. Elýeterli bolan sosial mediýa postlaryny we teswirlerini gözden geçirmegiň esasy usuly hökmünde sözleýiş diliniň derňewlerine esaslanýan bu barlag, häzirki zaman Türkmenistana degişli tankydy gender nukdaýnazaryndan geçirilen ilkinji barlag işleriniň biri bolup, Türkmenistanyň aýal-gyzlarynyň reproduktiw hukuklary, zorluk, ýigrençli dil, gender rollary we gender deňligi temalarynda gürrüňleri özünde jemleýär. Mundan başga-da, bu barlag Türkmenistanda sosial garaýyşlara, tendensiýalara we üýtgeşmelere düşünmek üçin sosial mediýa maglumatlaryny jikme-jik gözden geçirmäge edilen ilkinji synanyşyklardan biridir.

Türkmenistanda onlaýn dinamikalara we onuň halka ýetirýän täsirine kän ähmiýet berilmeýär. Şonuň üçin, aýal-gyzlara gönükdirilen umumy tendensiýalara we garaýyşlara hem-de GEZ-iň onlaýn görnüşlerine düşünmek örän möhümdir. Şeýle hem, GEZ-iň onlaýn görnüşinleriniň düýp sebäpleriniň oflaýn hakykata meňzeşdigine, ýagny güýç eýeçiligini saklamakdygyna düşünmek wajyp.[9]

Aýallar hem erkekler hem kiber zorlugyň pidasy bolup bilseler-de, subutnamalar erkeklere garanyňda aýal-gyzlaryň kiber zuluma has köp sezewar bolýandygyny görkezýär. Aýallar we gyzlar diňe onlaýn GEZ-i başdan geçirmek bilen çäklenmän, eýsem onuň netijesinde ýiti fiziki, jynsy, psihologik ýa-da ykdysady zyýan we kösençlik çekmegi ahmal.[10] Şonuň üçin, onlaýn ritorika adamlaryň durmuşyna, esasanam ýaş aýal-gyzlara gönümel täsir edýär.Çünki olar gartaşan zenanlara seredeniňde interneti has ýygy we aktiw ulanýarlar.[11]

2020-nji ýylda “Plan International”-yň 22 ýurtda geçiren barlagyna we sowalnamasyna görä, gyzlaryň 58%-i onlaýn erjeşmäniň haýsydyr bir görnüşini başdan geçiripdir. Olaryň 47%-ine fiziki ýa-da jynsy zorluk etmek niýeti bilen haýbat atylypdyr. Mundan başga-da, gyzlaryň 50%-i köçedäki erjeşmä garanyňda onlaýn erjeşmäni has ýygy başdan geçiripdirler.[12]

Bu barlag onlaýn giňişlikde köpçüligiň aýal-gyzlara bolan tendensiýalaryny, garaýyşlaryny we Türkmenistanyň jemgyýetindäki GEZ-i derňeýär. Gynansak-da, Türkmenistanyň hökümetiniň girizen çäklendirmeleri sebäpli Türkmenistanyň içindäki we daşyndaky halkara guramalaryň we raýat jemgyýetleriniň tendensiýalar we garaýyşlar baradaky maglumatlary köplenç çäkli bolýar. Mundan başga-da, bu çeşmeleriň berýän maglumatlary köp halatlarda guramalaryň gyzyklanmalary, ileri tutýan ugurlary we mümkinçilikleri bilen şekillenýär.[13]

Meselem, şeýle çäklendirmeler BMG Zenanlarynyň Türkmenistanyň gender bilen bagly DÖM borçnama-

9. https://www.coe.int/en/web/commissioner/-/no-space-for-violence-against-women-and-girls-in-the-digital-world
10. https://eige.europa.eu/publications/combating-cyber-violence-against-women-and-girls
11. https://www.coe.int/en/web/commissioner/-/no-space-for-violence-against-women-and-girls-in-the-digital-world
12. https://plan-international.org/uploads/2022/02/sotwgr2020-commsreport-en-2.pdf
13. RJG-larynyň we halkara bileleşikleriň ýurtda adam hukuklary ugrunda nähili işleýändiklerini we hereket edýändiklerini, emma hökümetiň maglumat elýeterliligine gözegçilik edýändigini aňladýar, https://www.civicus.org/documents/Turkmenistan.CIVICUS.UPRSubmisson2017.pdf

laryny durmuşa geçirişine bagyşlanan web sahypasynda aýdyň görünýär. Sahypada gender görkezijileri boýunça maglumatlaryň diňe 20.6% -i elýeterli bolup, möhüm ugurlarda, aýratynam AGGZ, tölegsiz ideg, öý-hojalyk işleri we genderara zähmet haklarynyň deňsizligi ýaly zähmet bazarynyň esasy görkezijilerinde boşluklar bar. Şeýle hem, agzalan temalar boýunça toplanan maglumatlara yzygiderli gözegçilik etmek üçin olary deňeşdirip boljak usulyýetler ýetmezçilik edýär.[14]

Gender maglumatlarynyň ýene bir çeşmesi bolan ÝUNISEF KGKB belli temalar bilen çäklenýär we onuň Türkmenistan boýunça hasabatlarynda genderleriň arasyndaky zerur deňagramlylyk ýetmezçilik edýär. Mysal üçin, Türkmenistanda geçirilen KGKB 2019 sowalnamasyna görä, 15-49 ýaş aralygyndaky zenanlaryň 59% -i ýoldaşlarynyň özlerine el galdyrmaga hakynyň bardygyna ynanýar. Aýallaryň öýdäki zorluga bolan garaýyşlarynyň anyklanylmagy zyýanyň öňüni almak we oňa gözegçilik etmek hem-de aýallaryň urulmagyny aklaýan düzgünler barada zenanlaryň habardarlygyny güýçlendirmek ýaly, esasy ugurlary kesgitlemek üçin möhümdir.[15] Emma, diňe aýallaryň garaýyşlaryna bil baglamak nädogry netijelere eltip, zuluma aýal-gyzlaryň isleýän we rugsat berýän zady hökmünde düşünilmegi ahmal. KGKB beýleki ýurtlardaky sowalnamalarynda erkekleriň hem öýdäki zorluga bolan garaýşyny öwrenýär. Ýöne bu hiç wagt Türkmenistanda durmuşa geçirilmedi. Erkekleri pikirsoramalara goşmazlyk şeýle sowalnamalarda jogapkärçiligiň aýallaryň üstüne ýüklenýändigi üçin zulum edijileriň ýaşryn galmagyna mümkinçilik berýär. Şol sebäpli, aýal-gyzlara niýetlenen platformalar döredilende, olaryň gender bilen bagly temalary öz içine almagy wajypdyr. Erkekleri bu gürrüňdeşlige goşmazlyk diňe bir gysga möhletleýin çözgüt bolman, eýsem zyýanlydyr. Esasanam, kadalaryň we garaýyşlaryň aglabasynyň erkekleriň agalyk edýän jemgyýetinde emele gelendigini göz öňünde tutup, gender deňligi we öýdäki zorluk meselelerine çuňňur düşünmek üçin erkekleri söhbetdeşlige goşmak zerurdyr.

Bu barlag işiniň dowamynda, 2022-nji ýylyň awgustynda Türkmenistanda zenanlaryň saglygy we maşgaladaky statusy barada uzak garaşylan hasabat çap edildi. Bu hasabat aýal-gyzlaryň statusyna we ýurtdaky derwaýys meselelere düşünmek, şeýle hem Türkmenistanda öýdäki zorluk meselesiniň barlygyny kabul etmek ýaly gijigen progresi özünde jemleýär.[16] Hasabat ozal elýetersiz bolan statistikalary üpjün etse-de, COVID-19 çäklendirmeleri döwründe sowalnamanyň nähili geçirilendigi ikuçly.

UNFPA maksatnamasynyň alyp barýan işleriniň çäginde Türkmenistanda toplumlaýyn jynsy we reproduktiw saglyk hyzmatlary üçin gelejegi uly meýilnamalaryň barlygyna garamazdan, Türkmenistanda aýallar heniz hem maşgalany meýilleşdirmek we göwreliligiň öňüni alyş serişdeleriniň elýetersizliginden kynçylyk çekýärler. Häzirki wagtda, aýallaryň diňe 50%-ine göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri elýeterli we sekiz aýaldan biri maşgalany meýilleşdirmegiň ýetmezçilikleri bilen göreşýär.[17]

Mundan başga-da, Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti DÖM-iň 5-nji maksady bilen baglanyşykly temalarda işleri ýerine ýetirmek ýa-da maglumat çap etmek ugrunda aýdyň tagalla etmeýär. Şeýle hem, ýurtda abort etdirmäge berilýän möhletiň göwreliligiň 12-nji hepdesinden 5-nji hepdesine

14. https://data.unwomen.org/country/turkmenistan
15. https://www.ncbi.nlm.nih.gov/pmc/articles/PMC6354873/
16. https://www.saglyk.org/makalalar/articles-in-english/2353-wake-up-call-health-and-status-of-a-woman-in-the-family-in-turkmenistan.html
17. https://mics-surveys-prod.s3.amazonaws.com/MICS6/Europe%20and%20Central%20Asia/Turkmenistan/2019/Survey%20findings/Turkmenistan%202019%20MICS%20SFR_English.pdf

düşürilmegi, aýal-gyzlaryň bedenlerine we borçlaryna gözegçilik etmek, däp-dessurçyllygy güýçlendirmek ýaly ýakynda bolup geçen wakalar Türkmenistanda GEZ we aýallaryň hukuklary meselelerini has ýitileşdirdi.

Zorluga garşy onlaýn kampaniýa “Dymma” we ýetginjekler üçin bilim taslamasy “Jora” ýaly onlaýn giňişlikler adamlara diskriminasiýa we zorluk hadysalaryny özüni tanatmazdan paýlaşmaga we goldaşmaga mümkinçilik berýär. Emma, bu meseleleri çözmek üçin mehanizmler, syýasatlar we syýasy meýillilik ýok.

Oňyn tutumlardan söz açsak, 1997-nji ýylda Türkmenistan Aýallara garşy diskriminasiýanyň ähli görnüşlerini ýok etmek baradaky konwensiýa (AGDÝK) goşuldy we 2009-njy ýylda onuň goşmaça protokolyna gol çekdi. 2021-nji ýylyň 20-nji aprelinde Türkmenistan BMG Zenanlarynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň agzalygyna saýlandy. Bu komissiýa BMG-nyň gender deňligi meseleleri we aýal-gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini öňe sürmek boýunça edarasydyr. Şol ýylda Türkmenistan aýallaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini goramak borjuny öz üstüne alyp, “2021-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanda gender deňligi boýunça hereketleriň Milli meýilnamasyny” kabul etdi.[18]

Mundan başga-da, Türkmenistanyň konstitusiýasynda aýallaryň we erkekleriň deňdigi bellenilýär (29-njy madda).[19] 2015-nji ýylda, Türkmenistan aýallara we erkeklere deň hukuklary, mümkinçilikleri berýän we öýde, işde, jemgyýetde diskriminasiýany gadagan edýän kanuny kabul etdi.[20] Şeýle hem, Jenaýat kodeksi we Administratiw hukuk bozulmalary raýatlary diskriminasiýadan goraýarlar.

Aýallara deň hukulary we mümkinçilikleri berýän howpsuz gurşawy döretmäge gönükdirilen ygrarlylyk, aç-açanlyk we gorag gerimi giň ýaly görünse-de, Türkmenistanda heniz hem öýdäki zorluk we jynsy erjeşme barada kanun ýok.

Gender esasly kiber zorluk täzelikde ýüze çykan fenomendir. Diňe birnäçe ýurtlarda bu meseläni gönüden-göni gozgaýan kanuny düzgünler bar. Merkezi Aziýada bäş respublikanyň ählisiniň jenaýat kodekslerinde onlaýn hüjümleriň käbir görnüşlerine jeza bermek üçin kanuny çäreler bar. Ýöne, döwletleriň bäşisi-de has köp çäreleri alyp barmaly. Mysal üçin, Gazagystanda we Özbegistanda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem kemsitmek we töhmet atmak jenaýat hasaplansa-da, Jenaýat kodeksinde bularyň kesgitlemeleri gümürtik. Mundan başga-da, Gyrgyzystanda, Özbegistanda we Gazagystanda bolşy ýaly, Türkmenistanyň kanuny şahsyýetiň razylygy bolmazdan gizlin, şahsy ýa-da maşgala syrlaryny bikanun ýygnamagy ýa-da saklamagy gadagan edýär. Şeýle-de bolsa, ýurtlaryň hiç birinde onlaýn erjeşmä garşy kanun beýle-de dursun, hatda jynsy erjeşme barada hem kanun ýok. Şonuň üçin-de, AGGKZ Merkezi Aziýada kanun esasynda kesgitlenmedik.[21]

18. https://www.saglyk.org/makalalar/siz-oz-hak-hukuklarynyzy-bilyanizmi/30-umumy/2240-gender-denligi-name.html
19. https://constituteproject.org/constitution/Turkmenistan_2016.pdf?lang=en
20. https://www.ilo.org/dyn/natlex/natlex4.detail?p_lang=en&p_isn=102409&p_country=TKM&p_count=91
21. https://eurasianet.org/perspectives-cyberviolence-is-a-curse-for-women-in-central-asia

# Usulyýet

Onlaýn GEZ howpy aýal-gyzlary zulumdan goramak üçin ýeterlik kadalary we düzgünleri bolmadyk ençeme onlaýn giňişliklerde bar. Tehnologiýanyň we onlaýn giňişlikleriň GEZ-i güýçlendirýänligi we onuň ötüşmesini aňsatlaşdyrýanlygy sebäpli biz sosial mediýada bolup geçýän gürrüňdeşliklerden maglumat ýygnamak usulyýetini ulandyk.

Sosial mediýa oflaýn Türkmenistanda tas hiç wagt ýüze çykmaýan, şahsy pikirleri aýtmak (anonimlikde we uzakdan aýtmaga rugsat berilýär) üçin gurşaw hödürleýär. Mundan başga-da, kiber giňişlikdäki [22] käbir hereketler çişirilip bilinse-de, türkmenistanly ulanyjylaryň sosial mediýadaky aragatnaşygy degişli temalaryň dinamikasyny öwrenmek we bahalandyrmak üçin ajaýyp mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň jemgyýetinde aýal-gyzlara we GEZ-e bolan tendensiýalara we garaýyşlara ünsi jemläp, bu taslama Türkmenistanyň halkynyň we onuň diasporasynyň ulanýan “Instagram”, “Twitter”, “YouTube”, “Facebook”, “TikTok”, “LinkedIn” we elýeterli bolan beýleki onlaýn platformlarda şahsy we jemgyýetçilik hasaplardaky onlaýn postlary we teswirleri derňedi.

Bu barlagy geçirmek üçin sosial mediýa synçylar topary 44 sany degişli sosial mediýa çeşmelerinden ýekänme-ýekän maglumat ýygnady. Bu çeşmeler bilelikde Türkmenistandan we onuň diasporasyndan 1.5 million töweregi sosial mediýa ulanyjysyny öz içine alýar.

Maglumatlaryň iň uly bölegi giňden ulanylýan sosial mediýa platformasy “Instagram”-dan toplandy. 2022-nji ýylyň başynda, “Instagram”-yň Türkmenistanda 308.4 müňden gowrak ulanyjysy bolan. Üçünji meşhur platforma bolan “Facebook”-yň 2022-nji ýylyň başynda 20.5 müň türkmenistanly ulanyjysy bar eken.[23] “LinkedIn” görkezijileri 2022-nji ýylyň başyna çenli Türkmenistanda 35,000 “agzasynyň” bardygyny görkezýär. Emma, platformanyň karýera gönükdirilendigi sebäpli onda barlaga degişli maglumatlaryň paýy ep-esli az boldy. 2022-nji ýylyň başyndaTürkmenistandan bary-ýogy 2,650 ulanyjysy bolan[24] “Twitter” barlaga has az goşant goşdy.

Maglumatlar 2022-nji ýylyň iýulyndan 2022-nji ýylyň awgustyna çenli ýygnaldy we soňky iki ýylda çap edilen kontentler toplandy. Derňelen iň irki post/teswir 2020-nji ýylyň 26-njy fewralynda we iň soňky post/teswir 2022-nji ýylyň 24-nji awgustynda çap edilen.

22. Geçirilen barlaglar onlaýn tehnologiýalaryň jemgyýetiň aragatnaşyk usulyny üýtgedendigini we duýgudaşlyk bildirmegi weýran edendigini görkezýär. Adaty aragatnaşyklar bilen birlikde, sosial mediýada pikirleriň, duýgularyň we hereketleriň dessine paýlaşylmagy tiz we köplenç sosial dugudaşlyk bildirmezden bolup geçýär. Ýüzbe-ýüz ýagdaýlardaky ýaly emosional yşaratlary görkezmeýän sanly aragatnaşyk köplenç sowuk gatnaşyga eltýär. Bu älemde adamlar anonimligi üçin köplenç şahsy çäklendirmelerini aşyp, özlerinden az habarly, erksiz we jogapkärçiliksiz hereket edýärler. Şeýle hem, barlaglar anonim onlaýn gurşawda adamlaryň kontroly elden bergiç bolýandygyny görkezdi. Bu olaryň yzgytsyz dil ulanmak, gödek tankytlamak, haýbat atmak ýa-da onlaýn teswirlerde ýigrençli dil ulanmak ýaly ýüzbe-ýüz halatlarda aýtmajak ýa etmejek zatlaryny diýmegine ýa-da etmegine sebäp bolýar. Şeýlelikde, belli bir toparlara, şol sanda gendere gönükdirilen ýigrenç onlaýn dünýäde töhmet atmak, zorluk, çetleşdirmek we zulumyň aklanmagy ýaly täze derejä çykýar. Bu ýerde möhüm aratapwut bar: Bir tarapdan, onlaýn giňişlikde aýallar we gyzlar özlerini howpda duýýarlar we beýleki tarapdan, sosial mediýa zulum edijilere gözgçiligi aýyrýar we olar şahsyýetini äşgär etmezden we jogapkärçilik çekmezden adamlary kemsidip bilýärler. Zulum ediji üçin bu hakykatdanam örän ygtybarly ýer. (Sosial mediýada adamlaryň özlerini alyp barşy barada jikme-jik barlaglary okamak üçin şu ýere serediň: :https://journals.sagepub.com/doi/10.1177/2056305116664220; https://www.ncbi.nlm.nih.gov/pmc/articles/PMC6163978/; we https://plan-international.org/uploads/2022/02/sotwgr2020-commsreport-en-2.pdf)
23. https://datareportal.com/reports/digital-2022-turkmenistan
24. Ibid.

Barlag Türkmenistanyň halkynyň esasy ***aragatnaşyk dilleri*** bolan türkmen we rus dillerindäki we olaryň utgaşygynda çap edilen postlara we teswirlere ünsi jemledi. Emma, iňlis, türk we türkmen-türk, türkmen-iňlis we rus-iňlis dilleriniň utgaşmalary hem Türkmenistanyň diasporasynyň dilleri hasaplandy we barlaga goşuldy.

Barlagyň mazmunyna rus, türk we iňlis dillerindäki kontentleriň degişlidigine güwä geçmek üçin maglumatlar türkmenistanlylaryň sahypalaryndan ýa-da özlerini Türkmenistanyň diasporasy diýip tanadan hasaplardan ýygnaldy. Şol sebäpli, maglumatlar Türkmenistanyň halkyna we onuň diasporasyna niýetlen ýa-da anyk Türkmenistana gönükdirilen postlardan we teswirlerden düzülýär.

Bu barlaga diasporanyň goşulmagy wajypdyr. Çünki, olaryň ýurtdaky pikirleriň we garaýyşlaryň emele gelmegine täsir edýän dowamly baglanyşyklary we Türkmenistanyň jemgyýetleri bilen ýygjam aragatnaşyklary bar.

Bu hasabatda ***1904*** sany Türkmenistanyň halkynyň we onuň diasporasynyň paýlaşan we olara niýetlenen sosial mediýa postlary we teswirleri ***temalary*** boýunça derňeldi:

- reproduktiw hukuklar
- zorluk we AGGZ-a çagyryş
- ýigrençli dil
- AGGZ-a we ýigrençli dile garşylyk
- gender rollary
- gender deňligi we feminizm
- aýallaryň şahsy üstünlikleri

Temalaryň seçimi Saglyk tarapyndan alnyp barylýan işlere we Saglygyň sosial mediýa sahypalarynda köpçüligiň gyzyklanma bildirmelerine, reproduktiw hukuklar babatda ýurtdaky soňky syýasy üýtgeşmelere, öýdäki zorluk barada kanunyň ýoklugyna, hökümetiň aýallaryň jemgyýetdäki däp-dessura daýanýan roluny öňe sürmegine we aýal-gyzlaryň bedenlerine höküm etmek barada ýakynda ornaşdyrylan buýruklara esaslandy.

Bu temalar ***kontent görnüşleri*** boýunça üçe bölündi: negatiw, pozitiw we bitarap. Toparymyz maglumatlary äheňe esaslanýan adaty sentimenal kategoriýalaşdyrmagyň deregine, mazmunyna we aňladýan gymmatlygyna görä seljerdi. Mysal üçin, zorluga we ýigrençli dile garşy durýan ýa-da gender deňligini goldaýan kontentler pozitiw kategoriýa goşuldy. Tersine, deň iş hukuklaryna we umumy gender deňligine garşy, şeýle hem zorlugy öňe sürýän kontentler bolsa negatiw kategoriýa girizildi. Hiç hili tarap tutmadyk kontentler bitarap hasaplandy. Şeýle hem, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň çap eden maglumat beriji kontentleri we raýat jemgyýeti guramalarynyň ýa-da halkara guramalaryň habardarlylygy artdyryjy kontentleri hem bitarap kategoriýa goşuldy. Sebäbi, köp halatlarda, olar kesgitli tarapy tutman, jemgyýeti bu barlagyň temasynyň belli jähtleri babatda habardar etmek maksatly bolup durýar.

Şeýle hem, paýlaşylan postuň ýnanylmak we paýlaşylmak ähtimallygyny, jemgyýete täsirini we belli bir

topara gönükdirilendigini hem-de howplulyk derejesini ölçemek üçin kontentler ***töwekgelçilik derejeleri-ne görä*** pes, orta, ýokary töwekgelçilikli diýlip bahalandyryldy. Meselem, zalymlyk we haýbat atmalar ýokary töwekgelçilikli, meseleli kontent orta töwekgelçilikli, mesele ýüze çykarma ähtimallygy bolan em-ma jem-gyýete ýaramaz täsir etmejek kontent pes töwekgelçilikli diýlip kesgitlenildi.

Ýygnalan teswirler we postlar ýokarda agzalan kriteriýalara esaslanyp saýlandy we soňra, dil, gender, ýerleşýän ýeri, töwekgelçilik derejeleri we temalary boýunça bölündi. Post eden ýa-da teswir ýazan adamlaryň şahsyýetini kesgitleýän maglumatlar (ŞKM) etika we howpsuzlyk sebäpli gizlin saklanylýar.

Maglumat nusgalary deslapky ***influens mäpping*** prosesine esaslanýar, ýagny barlag bilen baglanyşykly maglumatlary paýlaşýan, kän yzarlaýjylary we işjeň gyzyklanma bildirýänleri bolan iň aktiw we meşhur çeşmeler, hasaplar we sahypalar strategik taýdan kesgitlenildi. Maglumat ekosistemasynyň deňsizliginiň öwezini dolmak üçin okyjylardan az reaksiýa alan, emma pozitiw tendensiýaly/kontentli postlar hem hasaba alyndy.

## Barlagyň çarçuwasy we çäklendirmeleri

Ýeri gelende aýtsak, potensial mysallaryň elýetersizligi sebäpli bu barlagyň maglumatlar toplumy şahsy kanallarda we habarlaşma priloženiýelerinde paýlaşylýan dürli kontentleri şekillendirmeýär we doly özün-de jemlemeýär. Şeýle-de bolsa, barlagyň netijeleri Türkmenistanyň jemgyýetindäki aýal-gyzlara gönükdi-rilen gürrüňdeşlikleriň we garaýyşlaryň bir bölegini görkezýär.

Mundan başga-da, käbir garyp ýa-da çet ýerlerde ýaşaýan ilatyň sosial mediýa elýeterliligi çäkli (umumy ilatyň 61.9% -i interneti ulanmaýar)[25] bolup, bu ilatyň aýal-gyzlary şäherlilere garanyňda GEZ-e has ýygy sezewar bolýarlar.[26] Şol sebäpli, barlagyň netijeleri sosial mediýa elýeterliligi bolan toparlaryň we şahsy-ýetleriň garaýyş-pikirleri bilen çäklenýär hem-de has progressiw demografiýany şekillendirýär. Şeýlelik-de, barlag Türkmenistandaky ähli jemgyýetleri suratlandyrmaýar.

2022-nji ýylyň başynda, Türkmenistanda işjeň sosial mediýa ulanyjylarynyň sany 338 müňden geçip, 2021-2022-nji ýyllar aralygynda 125% artdy. Türkmenistanda sosial mediýa ulanyjylarynyň umumy sany umumy ilatyň 5.5% -ine deňdir. Aýallaryň erkeklere seredeniňde sosial mediýa elýeterliligi has pes: de-gişlilikde 40.6% we 59.4%.[27]

Şeýle hem, Türkmenistan dünýäde iň gymmat bahaly internetli ýurtlaryň biri bolup, 256 Kbit/s tizlikli in-ternetiň bahasy aýlyk minimum 100 TMT (5.26USD).[28] Giňişleýin düşündirsek, 2022-nji ýylda Türkme-nistanda iň az aýlyk mukdary 1050 TMT = 55 USD[29] (19 TMT = 1 USD).[30] Şeýlelikde, Türkmenistanda

25. https://datareportal.com/reports/digital-2022-turkmenistan
26. https://turkmenistan.unfpa.org/sites/default/files/pub-pdf/report_health_and_status_of_a_woman_in_the_family_in_turkmenistan.pdf
27. https://datareportal.com/reports/digital-2022-turkmenistan
28. https://telecom.tm/en/internet/
29. https://turkmenistan.gov.tm/tk/habar/57684/turkmenistanyn-prezidentinin-turkmenistanda-zahmet-haklarynyn-pensiyalaryn-dowlet-komek-pullarynyn-talyp-we-dinleyji-haklarynyn-mocberlerini-yokarlandyrmak-hakynda-permany
30. Walýuta alyş-çalyş bahasy 2022-nji ýylyň noýabryndaky gara bazar nyrhyna esaslanýar. Resmi walýuta kursy 1 USD = 3.5 TMT https://progres.online/en/palaw-index/palaw-index-november-2022/

internetiň aýlyk bahasy iň az aýlyk hakynyň 10.50%-ine deň, ABŞ-da bary-ýogy 4%, Germaniýada 1.5%, Birleşen Patyşalykda 2% we Russiýada 3.75%. Intenetiň gymmat bahasynyň üstesine[26] onuň tizligi hem örän haýal: 0.77Mbit/s. Dünýäde ortaça internet tizligi welin 34.79 Mbit/s. Şeýle haýal tizlikli intenet tor infrastrukturasynyň ösmezligi we Türkmenistanyň ilatynyň sanly hyzmatlardan pes derejede peýdalanmagy bilen baglanyşykly.[31]

Türkmenistan internetde we içerki onlaýn senzurada deňsiz-taýsyzlygy bilen tanalýar. Netijede, ýurtda diňe “Facebook” we beýleki META sosial mediýalary “YouTube” we “Wikipedia” gadagan edilmän, eýsem wirtual hususy torlar (VPN) ýaly, böwüsme gurallaryny hödürleýän çeşmeler hem petiklenen. Gynansak-da, ilat bu çäklendirmelere uýgunlaşyp, täze gurallary tapan badyna döwlet bu hyzmatlary hem petikleýär.[32]

31. https://www.cable.co.uk/broadband/speed/worldwide-speed-league/#speed
32. https://www.accessnow.org/turkmenistan-internet-shutdowns/

# Netijeler

## AGDYKLYK EDÝÄN TEMALAR

Onlaýn gürrüňlerde aýallar we GEZ babatda tapawutly pikir alyşmalaryň nähili beýan edilýändigini bilmek üçin, biz 1904 sany sosial mediýa postlaryny we teswirlerini ýedi tema böldük (Tablisa 1). Bu usul bize söhbetdeşliklerde agdyklyk edýän temalar barada umumy düşünje berdi.

*Tablisa 1:*

| Temalar | Düşündiriş |
|---|---|
| **Reproduktiw hukuklar** | *Aýallaryň näçe çaga edinmelidigi, kontrasepsiýa we abort baradaky postlar* |
| **AGGZ** | *AGGZ-y aklaýan we/ýa-da AGGZ-a çagyryşy öz içine alýan we erjeşme baradaky postlar* |
| **Ýigrençli dil** | *Aýallara we gyzlara gönükdirilen kemsidiji gürrüňleri hem-de gender esasly göwne degiji we diskriminirleýiji sözleri ýa-da hüjümleri öz içine alýan postlar* |
| **Zorluga we ýigrençli dile garşy** | *AGGZ-a we ýigrençli dile garşy postlar* |
| **Gender rollary** | *Aýallaryň gündelik borçlary we olaryň erkin hereket etmegi hem-de bedeni/gözelligi bilen bagly çäklendirmeler baradaky postlar* |
| **Gender deňligi we feminizm** | *Türkmenistanda gender deňligi we feminizm we olaryň ähmiýeti baradaky negatiw ýa-da pozitiw postlar* |
| **Aýallaryň şahsy üstünlikleri** | *Sport, işewürlik, güýmenje we ş.m. ýaly belli ugurlarda üstünlik gazanan aýallaryň şahsy üstünlik hekaýalaryny öz içine alýan postlar* |

Seljeren 1904 sany postlarymyzyň we teswirlerimiziň arasynda iki tema agdyklyk edýär: 1) aýallara garşy ýigrençli dil; 2) gender rollary (Grafika 1).

## Grafika 1: Bar bolan temalaryň postlaryň we teswirleriň sany boýunça bölünişi

her aýda postlaryň we teswirleriň sany boýunça




*Bu grafikadaky 46 post we teswir habardarlygy artdyryjy we maglumat beriji kontendi öz içine alýar. Olaryň az sanlydygy üçin olar hasabatdan aýrylmady.*

mysal

> *Hey way sana so dyrnaklar bln ozuma mallaryn yuwyn-dysynan gardyrjak dal sypatyn gorupde Islam pozuljak yuzunida bok oynayan yaly edya way huday saklasyn*

Soňky iki ýylyň postlaryna we teswirlerine esaslansak, barlag temasy bilen baglanyşykly maglumatlaryň mukdary köpelýär. 2022-nji ýylda olaryň sany jemi 1114 post we teswir bolan bolsa, 2020-nji ýylda bary-ýogy 219 we 2021-nji ýylda 571 sanydy (Grafika 2).

## Grafika 2: Wagt boýunça degişli postlaryň we teswirleriň her aýlyk sany

her aýda postlaryň we teswirleriň sany boýunça



Wagtyň geçmegi bilen, ýigrençli dil bilen bagly kontentler ýygy-ýygydan ýokarlanmak bilen köpeldi. Ýöne, gender rollary, gender deňligi we AGGZ-a garşy kontentler sanlyja gezek artyş görkezdi.

Bu temalar boýunça kontendiň mukdarynda soňky artyş (2022-nji ýylyň iýul-awgust aýlary) köpçülikde öýdäki zorluk sahnaly wideonyň ýaýran wagty ýüze çykdy. Wideo ilki garaşsyz mediýa tarapyndan paýlaşyldy. Soňra habardarlygy artdyrmak maksady bilen we mim[33] sahypalarynda giňden ýaýradyldy. Bu hadysa soňky on ýylda ilkinji gezek sosial mediýada paýlaşylan öýdäki zorluk wideosy bolup, köpçülikleýin çekişmäni artdyrdy (Grafika 3 a - b) (Has giňişleýin maglumat üçin tematik barlag bölümine serediň).

**Grafika 3a: Aýlyk postlaryň we teswirleriň sany boýunça wagta görä iň ýaýbaňlanan temalar**

her aýda postlaryň we teswirleriň sany boýunça




**Grafika 3b: Aýlyk postlaryň we teswirleriň sany boýunça wagta görä iň az ýaýbaňlanan temalar**

her aýda postlaryň we teswirleriň sany boýunça




33. Mim (iňlisçe: meme) - internetde köpçülikleýin paýlaşylýan gülkünç ýa-da gyzykly surat, tekst, wideo we ş.m.

San taýdan 2022-nji ýyl boýunça ýygnalan maglumatlar (toplanan maglumatlaryň 58.5%-i) 2021-nji (30%) we 2020-nji ýyllardan (11%) köp boldy. Her ýyla aýratynlykda seredenimizde, ýigrençli dili öz içine alýan postlaryň we teswirleriň yzygiderli gürrüňleriň agramly bölegini eýeleýädigini görýäris, degişlilikde 2022-nji ýylda 27%, 2021-nji ýylda 36% we 2020-nji ýylda 21%. AGGZ-y öňe sürýän kontentler 2022-nji ýylda ýygnalan maglumatlaryň 18%-ini tutan bolsa, 2021-nji ýylda bu bary-ýogy 2.8% we 2020-nji ýylda 10% eken. Gender rollary baradaky kontentler 2021-nji ýylda 45%-den, 2022-nji ýylda 17%-e we 2020-nji ýylda 28.8% -e çenli üýtgeýiş görkezdi. 2022-nji we 2020-nji ýyllarda AGGZ-a garşy kontentler 20%-e golaý bolup, 2021-nji ýylda 5.4% -e çenli azaldy (Grafika 3c).

*Tablisa 2:*

| Temalar/Ýyllar | 2020 | 2021 | 2022 |
|---|---|---|---|
| Ýigrençli dil | 21% | 35.9% | 27% |
| Gender rollary | 28.8% | 45.9% | 17.6% |
| Zorluga we ýigrençli dile garşy | 19.2% | 5.4% | 20.6% |
| Aýal-gyzlara garşy zorluk | 10% | 2.8% | 18% |
| Gender deňligi | 5% | 7% | 9.6% |
| Aýallaryň şahsy üstünlikleri | 13.7% | 3% | 6.6% |
| Reproduktiw hukuklar | 2.3% | 0% | 0.7% |

## DIL DÜRLÜLIKLERI

Iň köp ulanylýan üç dilde (türkmençe 1368, rusça 442 we iňlisçe 38 postlar we teswirler) post edilen kontentlerde iki sany agdyklyk edýän tema ýüze çykarylan hem bolsa, käbir temalar belli bir dilde has köp gabat geldi. Meselem, aýallaryň şahsy üstünlikleri esasan iňlis dilinde we ýigrençli dil türkmen dilinde beýan edilip, gender rollary rus dilinde has köp ara alnyp maslahatlaşylypdyr (Grafika 4).

Synymyza esaslanyp aýtsak, Türkmenistanda iňlis dilinde kontent çykarýan halkara guramalar ilkinji nobatda hal-kara okyjylaryny nyşana alýarlar we Türkmenistanda ösüşiň juda pozitiw keşbini döretmäge çalyşýarlar.

## Grafika 4: Iň köp ulanylan diller boýunça temalar




*Bellik: Türkçe ýazylan 17 sany post we teswir, şol sanda 56 post we teswir dil utgaşyklarynyň diňe az sanlysyny şekillendirýänligi sebäpli grafika goşulmady.*

mysallar

*Arkasyna mala dakyp yer surdurmeli horlanya son*

Türkmençe post edilen

*Eger maşgalaly bolsa ýeke özi daşary ýurda gitmek we pul gazanmak aýalyň işi däl. Öýde otyrmaly we çagalaryny seretmeli eken we adamsyny daşary ýurda işlemäge ibermeli eken. Şeýle aýallar ýoldaşlaryny çagalary bilen ýyllardyr taşlap gidýärler we soňra bu köpçülikde pahyrsyrap agyr işleýändigini aýdýarlar. O ýerde özüni alyp barşy başga bir uly uly sorag. Şeýle aýallary kän gördük we olar barada köp zady eşitdik.*

Rusçadan terjime edildi

*Mehaniki ulgamlary öwrenýän her kimi makullaýaryn we goldaýaryn. Türkmen zenanynyň şu ugurdan we ukypdan baş alyp çykýanyna buýsanýaryn...*

Iňlisçeden terjime edildi

## PLATFORMA DÜRLÜLIKLERI

Barlagyň temasyna degişli kontentleriň uly mukdary “Instagram”-da hasaba alyndy. Platforma ýygnalan postlaryň we teswirleriň 79.4% -ini eýeläp, derňelen 1511 sany postuň we teswiriň 259,472 gezek ulanyjylarda galdyran täsirini (laýklar, paýlaşmalar, teswirler, reaksiýalar we görmeler bilen ölçendi) öz içine aldy (Grafika 5).

Şeýle-de bolsa, temalaryň möçberi her platformada tapawutlanýar. Mysal üçin, “YouTube”-da we “Instagram”-da ýigrençli dil agdyklyk edýär, tersine “Facebook”-da bu tema örän seýrek duş geldi. Ýöne, “Facebook”-da gender rollary temasy agdyklyk edip, platformada esasan rus dili ulanylypdyr (Grafika 6).

## Grafika 5: Ýygnalan maglumatlarda platformalaryň paýy




## Grafika 6: Iň köp ulanylýan platformalarda temalaryň bölünişi




mysallar

*Hemişe nägilelik, meniň pikirimçe, [hökümet] dogry işleri edýär, [aýallar] utançlaryny bütinleý ýitirdiler.*

Platforma: Facebook

*Icimden diyyanna kate kate ka gyz sygyr yaly bolsada yuzi owadan bolya yone bun gowy yeri yok su gyz name guna etdika Allajan hemme taraplayyn alypdyr welin*

Platforma: Instagram

mysal

> *Ýogyn bir zat ýokmy el ujunda? Soka a*yna požar bolmasyn. Gelen iki sany j**lüklilerden saňa peýda bolmadymy? S*ska*
>
> Platforma: YouTube

## MAGLUMAT ÇEŞMELERI

Türkmenistanyň we onuň diasporasynyň arasynda kontent mukdary tas deňeçer (degişlilikde 29.4% we 25.26%) bolup, diňe 1.6%-i beýleki ýurtlardan. Kontendiň galan 43.8% -iniň çeşmesini kesgitläp bilmedik, sebäbi olar ýa şahsy, ýa kontentsiz ýa-da galp hasaplar tarapyndan çap edilipdir. Olary kesgitläp bolmanlygyna garamazdan, şol hasaplarda türkmenistanly adamlar degişli temalarda teswir ýazypdyrlar we aýal-gyzlar baradaky umumy söhbetdeşliklere goşulypdyrlar.

Gyzykly tarapy, şol näbelli çeşmeler aýal-gyzlara garşy ýigrençli dil ulanylýan kontentleri has kän paýlaşypdyr we Türkmenistandakylaryň ýa-da onuň diasporasyndakylaryň hem paýlaşan şeýle kontendi deňeçer mukdarda. Şeýle-de bolsa, Türkmenistandan paýlaşylan kontentlerde gender rollary temasy agdyklyk edýär (Grafika 7).

**Grafika 7: Çeşmeler boýunça temalar**




mysallar

> *Samsikle yaşa göre dale şu dibil*
>
> Çeşme: Näbelli

> *Oglanyň muny (öýlenjek bolýan gyzyndan gyzlyk perdesiniň bolmagyny) talap etmäge 100 göterim haky bardyr.*
>
> Çeşme: Türkmenistan

## KONTENT DÜRLÜLIKLERI

Agdyklyk edýän temalara esaslanyp, barlagyň netijeleri onlaýn gürrüňlerde postlaryň we teswirleriň aglabasynyň (44.46%) aýallara garşy negatiw tendensiýalaryny görkezýär. Başga bir tarapdan, pozitiw kontent görnüşleri ähli postlaryň we teswirleriň 24.6%-ini tutup, onlaýn gürrüňlerde negatiw kontentlere garanyňda az duş geldi. (Grafika 8).




Iki ýylyň içinde, negatiw kontentli postlaryň we teswirleriň sany 845, pozitiw konentleriň sany onuň ýarysyna deňeçer, ýagny 468 post we teswir boldy. Bitarap kontendiň sany 2022-nji ýylda (258 post we teswir) 2021-nji ýyl (237) bilen deňeşdirilende tas öňküligine galsa-da, negatiw we pozitiw kontentleriň sany 2022-nji ýylda örän artdy. 2021-nji ýylda negatiw kontentleriň sany 256 we pozitiw kontentleriň sany 78 bolup, 2022-nji ýylda degişlilikde 526-a we 330-a ýetdi.

*Tablisa 3:*

| Ýyl | Negatiw | Bitarap | Pozitiw |
|---|---|---|---|
| **2020** | 63 | 96 | 60 |
| **2021** | 256 | 237 | 78 |
| **2022** | 526 | 258 | 330 |

Çeşmeleriň kontent görnüşi boýunça Türkmenistanda bitarap kontentler agdyklyk edýär (Grafika 9). Bu köpçüligiň biperwaýlygyny ýa-da hökümetiň gözegçiliginden gorkyny aňladyp biler. Ýöne, özüňi alyp barşyň seljermesi bu barlagyň çarçuwasyna girmeýär.

Ýokardaky 7-nji grafikada görkezilişi ýaly, näbelli çeşmeleriň arasynda ýigrençli dil agdyklyk edýär ("Kesgitläp bolmaýar" - çeşmäniň ýerleşýän ýeri/ýaşaýan ýeri). Şoňa meňzeşlikde, negatiw kontentleri hem iň köp näbelli çeşmeler paýlaşypdyr. Bu köplenç şahsyýetini gizleýänler hiç hili jogapkärçilik çekmezden internetde aýallara garşy duşman-çylykly, negatiw we ýigrençli maglumatlary ýaýradýarlar diýen netijä eltip biler[34] (Grafika 9).

**Grafika 9: Geografiýa boýunça kontentleriň görnüşi**




Ünsümizi çeken başga bir mysal, pozitiw ýaly görünýän kontentlerde hem adatylyga öwrülen mizoginiýanyň (aýallara garşy ýigrenç) ýa-da toksik zenanlygyň[35] alamatlary bar. Bu bolsa aýal-gyzlardan zyýanly tamalara garaşylmagyny güýçlendirýär. Emma, şeýle kontentler seýrekdi we olar bitarap postlar hökmünde bellendi.

*Elbetde utgaşdyrmaly! Ahyrynda, aýal hemme zady edip biler, çagalaryna we öýe we adamsyna bilelikde [seredýär]! Biziň üçin kyn bolanda zeýrenmeýäris, [temperaturamyz] 39.9 bolanda ýorganyň aşagynda ýatamzok, sowadyjyda diňe bir köke galanda doýýarys, ahyrynda biz erkek däl, biz ZENAN ❤. Ähli enelere HORMAT!!!*

mysal

34. https://www.ncbi.nlm.nih.gov/pmc/articles/PMC6163978/
35. Köne döwürlerden bäri zenanlar bilen baglanyşdyrylýan zyýanly häsiýetler we garaýyşlar.

Platformany we kontent görnüşini göz öňünde tutsak, ikisi-de wideo esasly sosial mediýa platformalary bolan “TikTok”-da we “YouTube”-da negatiw kontent görnüşleri agdyklyk edýär. Barlanan kontentleriň az bölegi bu platformlardan (degişlilikde 39 we 131 postlar we teswirler) alnan bolsa-da, bu tendensiýalar “TikTok”-da we “YouTube”-da öňden bar bolan häsiýetleri görkezip we adaty dinamikany şöhlelendirip biler. Çünki, barlag temasyna degişli çeşmeleriň seçimi kän yzarlaýjyly we adamlaryň ýokary gyzyklanma derejesine esaslandy. “Facebook” (164), “LinkedIn” (17) we “Twitter” (42) ýaly beýleki platformalar hem nusgalaryň kiçi bölegini emele getirýär, emma az negatiwligi bolan kontendi şekillendirýär (Grafika 10).

**Grafika 10: Platformalar boýunça kontentleriň görnüşi**




Ýigrençli dili öz içine alýan AGGZ-y goldaýan ýa-da AGGZ-a we ýigrençli dile garşy kontentlerden tapawutlylykda, beýleki temalar (gender rollary, gender deňligi, aýallaryň şahsy üstünlikleri we reproduktiw hukuklar) babatda garaýyşlar nämälimligine galdy. Şol sebäpli, nirelerde kontentleriň pozitiwdigine, bitarapdygyna ýa-da negatiwdigine has gowy düşünmek üçin saýlanan temalaryň toparlaryny seljerdik. Netijeler bu topardaky kontentleriň aglabasynyň bitarapdygyny (372 post we teswir), pozitiw kontendiň bolsa ikinji orunda (255) durýandygyny görkezdi. Temalaryň hiç birinde negatiw kontent görnüşleri agdyklyk etmeýärdi, emma aýallaryň şahsy üstünlikleri, reproduktiw hukuklar we gender deňligi temalarynda pozitiw kontent görnüşleri agdyklyk edýär (Grafika 11).

**Grafika 11: Saýlanan temalar toplumyna görä kontent görnüşi**



## TÖWEKGELÇILIK DEREJESINIŇ ÖLÇEGLERI

Onlaýn paýlaşylýan kontentleriň negatiw häsiýetine garamazdan, zyýanly, zulumly ýa-da howp abandyrma ýaly ýokary ýa-da orta derejeli töwekgelçiligi döredýän örän aladalandyryjy kontentler 2.5% -den (ýokary töwekgelçilikli) 5% -e çenli (orta töwekgelçilikli) bölegini düzýär.[36] Bu kontentleriň az mukdarda bolmagy olaryň aýal-gyzlara zyýansyzdygyny aňlatmaýar. Onlaýn dünýäde şeýle kontentleriň tiz ýaýraýanlygyndan we öwezini dolup bolmajak zeper ýetirýänliginden habardar bolmalydyrys. Hatda, pes töwekgelçilikli kontentler hem aýal-gyzlary ýigrenmegi, aýallara garşy diskriminasion garaýyşlary, GEZ-i, erjeşmäni, maddylaşdyrmagy we deňsizligi adatylaşdyrma ähtimallygy sebäpli zyýanly bolup biler. (Grafika 12)

**Grafika 12: Postlaryň we teswirleriň sanyna görä temalar boýunça ýokary we orta töwekgelçilik derejesi**

her aýda postlaryň we teswirleriň sany boýunça




Sanlyjadygyna seretmezden, AGGZ-yň soňuna çykmagy goldaýan, emma zulum edijelere garşy agressiw çäre görmäge çagyrýanlaryň arasynda ýokary we orta töwekgelçilikli kontentleriň mysallary hem bar. Meselem, bu nusga ýokarda agzalan 2022-nji ýylyň awgustynda internetde giň ýaýran wideo baradaky postlaryň we teswirleriň arasyndan tapyldy (Grafika 13).

mysal

> *Eli dowilsin Mal Haramzada atuw karary bermeli halamasa ayyrlyshsyn tvar sunyaly adamlar bilen bir howadan dem alyanma gynanyan*

36. 2023-nji ýylyň 27-nji fewralyndan bäri, 47 sany töwekgelçilikli postlaryň we teswirleriň 32-si henizem sosial mediýada saklanýar. Olar barada şikaýat edilmedik bolmagy ahmal. Pozulan 14 sany post we teswir mim sahypasynda paýlaşylyp, soňra öçürilen öýdäki zorluk sahnaly internete wideosyndandy. Orta töwekgelçilikli 98 postdan we teswirden 67-si entek hem sosial mediýada saklanýar. Pozulanlaryň agramly bölegi: 24 post we teswir mim sahypasyndaky öçürilen meşhur wideodan alnypdy.

## Grafika 13: Postlaryň we teswirleriň aýlyk sany boýunça wagta görä ýokary we orta töwekgelçilik derejesi

her aýda postlaryň we teswirleriň sany boýunça




Ýokary ýa-da orta töwekgelçilikli kontent az ýaly görünse-de, zulumy ýşaratlaýan mysallar, esasanam aýallaryň ýaşaýşyna, karýerasyna, beden garaşsyzlygyna, hatda durmuşyna gönümel zeper ýetirme bilen bagly töwekgelçilikli kontentler geň galdyrýar.

mysallar

*dogry aytyan Eger soyola (jelepçilik) dusen bolsa olam (urmak) az*

*Gowy edipdir a*yny patlatmaly ekeni ganjyklara geregi şol (erkegiň bir aýaly palta bilen öldürmeginde şüphelenilmegi barada)*

## GENDER DÜRLÜLIKLERI

Ýygnalan gender maglumatlary sosial mediýa ulanyjylarynyň özlerini onlaýn tanadyşlaryna esaslanýar, ýöne käbir halatlarda ulanyjylaryň hakyky genderiniň profiline laýyk gelmezligi mümkin. Bu aýratynlyklary göz öňünde tutsak, özüni aýal hökmünde tanadanlara seredeniňde erkek hökmünde tanadanlar juda köp negatiw kontent paýlaşypdyr (483 post we teswir). Beýleki tarapdan, aýallaryň paýlaşan bitarap we pozitiw kontentli postlary we teswirleri deňeçer (degişlilikde 242 we 279) bolup, olar erkeklere garanyňda has az negatiw kontent paýlaşypdyrlar (Grafika 14). Bu netijeler özüni erkek diýip tanadýanlaryň aýallara garşy negatiw kontentleri kän ýaýradýanlygy sebäpli sosial mediýada aýal-gyzlar üçin has howpsuz gurşawyň zerurdygyny tassyklaýar.

## Grafika 14: Teswirçileriň arasynda kontent görnüşi




mysallar

> *Saňa sorag: näçe ýaşyňda gyzlygyňy aldyrdyň, näçe ýaşyňda deşdiler seni?*
>
> Genderi: Erkek

> *Hemişe bolşy ýaly, bu ýa-da beýleki jemgyýetiň gyzyklanmalary bilen çapraz gelýäris, "Türkmençilik" ideýalary boýunça önüp-ösen konserwatiwlerimiz aýalyň öýde oturmagy we çagalary terbiýelemegi has gowy diýerler we başga bir liberal görüşliler ilki bilen kariýera, aýal özüne ýeterlik bolmaly diýerler we biziň gahrymanymyz Klara Zetkin. Meniň şahsy özüm aýal ojagyň sakçysy, çagalarynyň dosty we terbiýeçisi diýen pikire eýerýärin*
>
> Genderi: Kesgitlenmedik

> *Ozunizi bir dokuma bolejigi bilen bahalandyrjak derejede pese dushman we dushuryanlere de pikirlenman yol gorkezin!!!! Sizi siz edyan sizin owadan yureginiz ,geljek baradaky arzuw we maksatlarynyz, sho arzuwlar we adamkarchiliginiz bilen geljekde dunyani owadanlashdyrmagynyzda..On yaly "ahlaklysumaklar" size hich hacan adam derejesinde hormat goymaz we butun omrunize bir etden baska hiczat bolmarsynyz on yalylaryn gozunde.Soygi boljak bolsa -senin ganatlaryn gyrkyp ozu uchin "arassa hyzmatchy" gozleyan birine dalde, seni adam hokmunde sylayan we durmushyny den derejede ansatlashdyryan we owadanlashdyryan birine bolmaly!!!*
>
> *Genderi: Aýal*

Genderleriň, şol sanda genderi kesgitlenmedikleriň arasynda iki tema - "ýigrençli dil" we "gender rollary" agdyk bolsa-da, erkekleriň paýlaşan kontent çeşmelerinde "ýigrençli dil" aýratyn agdyklyk edýär (Grafika 15).

Genderi kesgitlenmedikleri hasaba almanyňda, genderleriň köp gürrüň eden temalary ýokarda beýan edilen tendensiýa eýerýär.

## Grafika 15: Genderleriň temalary saýlaýşy




Emma, netijeler her gender tarapyndan köp gürleşilen ikinji temalary hem aýan etdi. Ýagny, aýallar üçin "aýallaryň şahsy üstünlikleri" we erkekler üçin "aýallara garşy zorluk" temasy. Mundan başga-da, netijeler aýallaryň köpüsiniň erkeklere garanyňda zorlugy bes etmegi goldaýandyklaryny we erkekleriň ençemesiniň aýallara seredeniňde aýallara garşy zorlugy aklaýandygyny görkezdi (Grafika 16).

## Grafika 16: Temalaryň genderler boýunça bölünişi




mysallar

*Salon diyilen bir ayallary zayalayan, gul yuzunin nuruny alyan bir yer bar. Buda shona bi rugsat gidendirda. Eger pikirim dogry bolsa erkek gunakar dal! Sebabi dinimizdede bar: ayal mashgala 1. Geyme diyen zadyny geyse 2. Gitme diyilen yerine gitse, 3. Erkek ayalyna yakynlashjak bolanda hich hili sebapsiz yuz dondurse urumana erkegin haky bar!*

*Genderi: Erkek*

*Ikilik eden ärlerinede gahary geldi diyip erkek yenjip yoren ayal yok name ücindir.. aytman gaytmak sylamazlykmy bolyar, her etjek ädimini aydyp etmelimi? Ayallar sizin gulunyzmy salona gitjeginem rugsat almalymy? Toya yada başga şahere gidip baranoga... Siz her âdiminizi Ayala aydyp etyanizmi? Ay borla aytman gidip sylamandyr diysek erkek beydip ursa sylagcylykmy?? YADYNYZDAN CYKARMAN ayalam erkegem Allanyn önünde deňdir, hatda ayal maşgala siz erkeklere jan berdigi ucin has beyikrakdedir... Öz patriarh pikirlerinizi anarrakda bukun!!!*

*Genderi: Aýal*

# Tematik barlaglar

## Tematik barlag 1: Jemgyýetçilik ýerinde öýdäki zorluk sahnaly internetde ýaýran wideo

### 1.1: GEZ-e garşy hukuk goraýjylaryň gizlin jynsparazlygy

Ilki garaşsyz mediýada, soňra dürli sosial mediýa platformalarynda ýaýradylan 2022-nji ýylyň awgustyndaky wideo şeýle wakanyň köpçülige ýetirilen seýrek hadysady boldy. Bu Türkmenistanyň içinde we daşynda sosial mediýa ulanyjylarynyň arasynda gyzgalaňly gürrüňdeşlikleri döretdi.

Deslapky derňew döwründe, AGGZ-y goldaýanlar, zulum edijilere garşylar we bitarap taraplar ýaly bar bolan temalaryň taraplarlaryndan başga-da täze topar ýüze çykaryldy. Bu toparyň teswirçilerini AGGZ-a garşy toparlar kategoriýasyna (AGGZG) girizdik. Şeýle-de bolsa, tekstleriň derňewiniň ilerki tapgyrlarynda zorluga garşy sözleriň/retorikanyň arkasynda ýaşyrylan gizlin jynsparaz teswirleriň toplumy ýüze çykaryldy.

Muňa iň gysga we aýdyň mysal: "Hakyky erkek aýal-gyzy urmaz." Zorluga garşy çykýan sözler bilen ulanylandygy sebäpli "hakyky erkek" düşünjesindäki jynsparaz garaýşyň aňsat gözden düşmegi mümkin. Ýöne, hakyky erkek *aýallary güýç bilen däl-de, sabyrlylyk we ukyplylyk bilen boýun egdirmek üçin akyl taýdan üstün bolmaly* diýen gizlin ideýa - “*Ejize – ganym bolma”* diýen türkmen nakyly bilen berk baglanyşykly. Bu nukdaýnazardan aýallar has ejiz/gowşak we şol sebäpli bu düşünjä erkekler rüstem diýen jynsparazlyk siňipdir.

Has çylşyrymly tarapy, bu düşünje erkeklere we oglanlara edilýän sosial basyşlaryň biridir. Aýallaryň häsiýetlerine berlen kesgitlemeleriň tersine, erkekler güýçli we kynçylyklara çydamly bolmaly. Gender häsiýetlerine berlen şeýle aýratynlyklar Türkmenistanda gender rollarynyň çylşyrymly dinamikasyny görkezýär. Ýöne bu global derejede hem birmeňzeş.

### 1.2: Öýdäki zorluk şahsy mesele - DÄL!

Öýdäki zorluk wideosynyň aşagyndaky teswirlerde özüni bitarap görkezenleriň aglabasy türkmen we beýleki konserwatiw medeniýetlerde kök uran “maşgala meseleleri şahsy mesele we mukaddesdir; olar hiç haçan köpçülikde gürrüň edilmeli däl” diýen ideýany nygtapdyrlar. Şeýle garaýyşly teswirler esasanam sahypanyň ýa-da hasabyň eýesine/adminine gönükdirilipdir. Galanlary bolsa maşgala meselelerine goşulmazlyk baradaky umumy pikiri belläpdirler. Mysallar: *“menin pikirim bu wideony kopchulige paylashmadyk bolsan gowy bolardymyka diyyan”* ýa-da *“Başga biriniň durmuşyna goşulmak we ony görkezilişe çykarmak gerek däl...”* ýa-da *“Yooo hatya oyune baryp duşunşmelida kopçilikde beytmek nama gerek hou."*

Emma, zulum edijini jogapkärçilige çekmek üçin muny köpçülik bilen paýlaşmagyň möhümdigini aýdyp, garşylykly jogap berenler hem azlyk etmeýär.

### 1.3: Mazmunlaýyn gürrüňdeşlik - hökümetiň gözellik salonlaryna ýakynda girizen çäklendirmeleriniň tarapdarymy ýa-da oňa garşymy

Internetde ýaýran wideonyň paýlaşylan wagty 2022-nji ýylyň aprel-maý aýlarynda hökümetiň gözellik salonlaryna we belli kosmetiki operasiýalara girizen çäklendirmeleri baradaky gürrüňdeşlikleriň dowam edýän wagtyna gabat geldi.

Internete ýaýran wideo postuň[37] astynda gözellik salonlaryna girizilen häzirki çäklendirmeleri agzaýan teswirleriň sany beýleki söhbetdeşlikler bilen deňeşdirilende az bolsa-da, bu çäklendirmeler barada giňişleýin gürrüňdeşlikler düýpli öwrenilmäge mynasyp. Sosial mediýa ulanyjylarynyň teswirleriniň arasynda hökümetiň çäklendirmelerini goldaýanlary hem bar. Meselem: *"Salon diyilen bir ayallary zayalayan, gul yuzunin nuruny alyan bir yer bar. Buda shona bi rugsat gidendirda. Eger pikirim dogry bolsa erkek gunakar dal! Sebabi dinimizde-de bar: ayal mashgala 1. Geyme diyen zadyny geyse 2. Gitme diyilen yerine gitse, 3. Erkek ayalyna yakynlashjak bolanda hich hili sebapsiz yuz dondurse urumana erkegin haky bar!"*

## Tematik barlag 2: Hökümatara guramalaryň kampaniýalar üçin saýlaýan nusgalyk şahsyýetleri

Türkmenistandaky hökümetara guramalar we ilçihanalar köplenç dürli ugurlarda üstünlik gazanan aýallaryň pozitiw mysallaryny görkezýän kampaniýalary geçirýärler. Ýaş aýal-gyzlary dürli hünärleri ele almaga we sosial kadalara garamazdan ösmäge höweslendirmäge niýetlenen bu kampaniýalarda gender deňligini öňe sürmek üçin nusgalyk şahsyýetler çykyş edýärler. Ýöne, kampaniýalaryň iň azyndan birinde nusgalyk şahsyýet munuň tersini beýan etdi. Bu mysalda postdaky adam ýa-da nusgalyk şahsyýet gender deňliginde görelde bolmalydy. Emma, teswirlere we postdaky gazaply jogaplara görä, bu nusgalyk şahsyýet, ýagny tanymal döwlet işgäri gender deňsizligine mahsus bolan az-kem regressiw gymmatlyklary öňe sürýär. Bu şahs işleri derňelmezden arassa ýalňyşlyk bilen ýa-da bilkastlaýyn saýlanylyp alnan bolsa-da, bu kampaniýanyň gurnalmagynda geleňsizlik edilendigini aňladýar. Şeýle hem, kampaniýanyň diňe mahabat maksatlydygy we guramanyň göze ilmegine gönükdirilendigi barlagyň netijelerinde çaklanylýar.

Ýene bir möhüm faktor, köpçüligiň nägileligine garamazdan, postuň aşagynda gozgalan meselelere garalmady. Netijede, köpçüligiň jogaplaryna äsgermezlik edildi we nusgalyk şahsyýetiň gender deňliginiň nusgasy saýylmaga mynasyplygyny soraglaýan teswirleriň köpüsi pozuldy. Biziň barlagymyzda şeýle ýagdaýlaryň diňe bir mysaly görkezilse-de, gynansak-da bu ýeke-täk mysal däl-de, giňden ýaýran terjri-be. Türkmenistanda gender deňligini öňe sürýän ýaly görünýän halkara guramalar köplenç aýallara garşy ýigrenji we gomofobiki garaýyşlary bolan şahsyýetler we to-parlar bilen hyzmatdaşlyk edýärler. Bu tejribeler kampaniýalara gatnaşýan kompaniýalaryň ýa-da şahslaryň kampaniýalarda öňe sürülýän gymmatlyklara garşy gelmezligi üçin yzygiderli barlanýanlygy barada soraglar döredýär.

37. https://www.currenttime.tv/a/turkmenistan-asia-women-rights/32028786.html

## Tematik barlag 3: Mediýa, RJG-lar we hökümetara guramalar

Bu barlag üçin ýygnalan mediýanyň, RJG-laryň we hökümetara guramalaryň paýlaşan postlary we teswirleri bary-ýogy 40-dan gowrak.

Hökümetara guramalar we döwlete degişli mediýalar esasan aýallaryň üstünliklerine ünsi jemleýän bolsalar, garaşsyz mediýalar we RJG-lar repressiýa we aýal-gyzlaryň hukuklaryny çäklendirýän syýasatlara, şol sanda aýallaryň hereketi, gözelligi we beden syýasatlary, abort, öýdäki zorluk bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde durýan ýeke-täk maglumat çeşmeleridir.

Garaşsyz mediýalar aýratynam degişli temalarda täzeliklere laýyk gelýän kontentlere ünsi jemleýän bolsa, RJG-lar aýal-gyzlara täsir edýän uzak möhletleýin meseleleri orta atýarlar. Mundan başga-da, bu guramalaryň sanlyjasy meseleleriň düýp sebäbini nygtaýarlar. Köp halatlarda, olar meseleleriň diňe umumy alamatlaryny ýa-da sensasiýa görnüşde habar berýärler.

# 2022-2027-nji ýyllar üçin maslahatlar

## Türkmenistanda aýal-gyzlar üçin sanly giňişligi nädip howpsuzlaşdyryp bileris?

AGGZ-yň sanly görnüşine garşy göreş ähli gatnaşyjylaryň ulgamlaýyn we hemmetaraplaýyn hereket etmegini talap edýär. Meselelere garşy aýdyň, elýeterli diliň hem-de GEZ-e garşy kanunlaryň kemçilik etmegi zulum edijileri arkaýynlaşdyrýar. Bu meseleleriň ünsden düşürilmegi Türkmenistanda aýal-gyzlar jogapkärçilige çekilmeýän onlaýn zorlugyň pidasy bolup biler diýen yşaraty berýär we zulum edijileri zeper ýetirmegi dowam etmäge höweslendirýär.

GEZ bilen bagly jezasyzlyk ölüm howpuny abandyryp biler. Zulum edijileriň jogapkärçilige çekilmezligi milli häkimiýetlere bolan ynamyň ýitmegine, şeýle hem ýeterlik ýardam edilmezligi, erbet düşünilmegi we gaýtadan pida bolmak gorkusy zerarly aýal-gyzlaryň şikaýat etmezligine eltip biler.

Saglyk sanly zulumy Türkmenistandaky aýal-gyzlaryň ýüzbe-ýüz bolýan oflaýn zorlugynyň we erjeşmesiniň dowamy hasaplaýar. Sosial mediýa platformalary we beýleki websaýtlar türkmen dilindäki ýigrençli kontendi pozmakda mydama netijeli işlemeýärler. Bu platformalar onlaýn kemsitmeleriň jogapkärçilige çekilmeýän ýerleri bolmaly däldir.

Biz uzagyndan has kän barlaglaryň we maslahatlaryň zerurdygyna düşünýäris. Emma, netijelerimizi aýal-gyzlaryň ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin ýerlikli usullarda ulanmagy maksat etdik. Şol sebäpli, Türkmenistanyň hökümetine, raýat jemgyýetlerine we halkara guramalara aşakdaky maslahatlary taýýarladyk. Şeýle hem, internet we sosial mediýa ulanyjylarynyň meseleleri çözmäge nähili kömek edip biljekdiklerini kesgitledik.

2028-nji ýyla çenli, bu maslahatlary durmuşa geçirip boljakdygyny çaklaýarys.

### Türkmenistanyň hökümetine (ministrlikler we adalatçylar) maslahatlar:

#### Aşakdakylary öz içine alýan kanunlary we syýasatlary işläp düzüň we kabul ediň:

- Sanly älemdäki AGGZ-yň GEZ-iň ýene bir görnüşidigini, zulumyň beýleki görnüşleri ýaly gender deňliginiň durmuşa geçirilmegini böwetleýändigini we aýal-gyzlaryň adam hukuklaryny bozýandygyny ykrar ediň.
- Halk köpçüligi we raýat jemgyýeti bilen maslahatlaşyp hem-de iň gowy tejribelere esaslanyp, öýdäki zorluk barada giňişleýin kanun dörediň. Bu kanun adalgalary kesgitlemeli we kiberbullinge[38] garşy milli syýasatlary we kanunlary özünde jemlemeli.
- Aýal-gyzlara kiberbulling etmegiň jenaýatdygyny milli kanunlarda kesgitläň we ýola goýuň.
- 2018-nji ýyldaky AGDÝK tekliplerini açyk kabul ediň we durmuşa geçiriň hem-de ýerine ýetirilen işleriň täsirine baha beriň.

#### Paýdarlar bilen aşakdakylar boýunça işleşiň:

- Mediýa gurallar toplumyny işläp düzüň we ýaýradyň hem-de döwlet mediýasynyň žurna-

38. Sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly adama yzygiderli azar bermek.

listlerini jynsparaz dil ulanmazdan ýa-da pidalary günäkärlemezden, öýdäki zorluk we GEZ wakalaryny obýektiw habar bermäge taýýarlaň.
- Polisiýa üçin şeýle ýagdaýlara adam hukuklary kadalaryna laýyk jogap bermek barada jemgyýete elýeterli bolan protokollary düzüň.
- GEZ-e (onlaýn we oflaýn) sezewar bolýan gyzlara we aýallara goldaw bermäge lukmançylyk/psihiki saglyk hünärmenlerini taýýarlaň we gatnaşdyryň.
- Ýaşlara onlaýn GEZ, onlaýn howpsuzlyk we onlaýn GEZ-i habar bermek barada bilim bermek üçin mugallymlary gurallar we maglumatlar bilen üpjün ediň.
- Sanly AGGZ ýagdaýlarynda sosial işiň strategik dolandyryş ýörelgelerini işläp düzmekde jemgyýetçilik işgärlerine kömek ediň.
- Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komitetiniň DÖM-iň 5-nji maksadyndaky boşluklary doldurmakda we GEZ boýunça bitewi maglumatlary üpjün etmekde gyssagly çäreleri geçirýändigine göz ýetiriň.

### Aşaky ýollar arkaly halk bilen aragatnaşyk saklaň:

- GEZ boýunça jemgyýete bilim we habar bermek üçin jogapkär döwlet edarasyny belläň we maliýeleşdiriň.
- Onlaýn erjeşmelere we zuluma sezewar bolan gyzlar we aýallar üçin adalatyň elýeterliligini üpjün ediň, şol sanda olaryň şikaýat etmegiň mehanizmlerinden habardarlygyny ýokarlandyryň, hukuk goraýjy we kazyýet işgärlerini türgenleşdiriň we gyzgyn liniýalary dörediň.[39]
- Bilim edaralaryndan talyplara onlaýn AGGZ-y tanamak, ondan gaça durmak we onlaýn erjeşmäniň öňüni almak, şol sanda şikaýat etmek mehanizmini ulanmak ukybyny öwretmek üçin onlaýn howpsuzlyk boýunça sanly okuw meýilnamasyny işläp düzmegi we durmuşa geçirmegi talap ediň.[40]
- Halkyň zorluk hadysalaryny anonimlikde şikaýat edip bilmegi üçin gyzgyn telefon liniýasyny we beýleki aragatnaşyk serişdelerini dörediň. Zenanlaryň zorlugy habar bermegi we zyýanly materiallary internetden aýyrdyp bilmesi üçin aňsat we ygtybarly mehanizmleri kepillendiriň.

### Raýat jemgyýeti bilen aşakdakylar babatda işleşiň:

- Raýat jemgyýeti bilen işleşip, şäher we oba ýerlerinde GEZ-e garşy göreşýän döwlete degişli däl guramalary goldamak we olar bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly meseleleriň üstünde işlemäge hakyky syýasy meýilliligi görkeziň.
- Döwlet edaralarynyň raýat jemgyýeti ekspertleri bilen yzygiderli duşuşmagy üçin mehanizm dörediň.
- GEZ we GEKZ barada goşmaça ylmy barlaglary goldaň we maliýeleşdiriň. GEZ hakynda söhbetdeşliklere we barlaglara erkek adamlary hem gatnaşdyryň.
- Aýallaryň we gyzlaryň onlaýn howpsuzlygy we sanly hukuklary barada habardarlygyny ýokarlandyrmak üçin internet hyzmatyny üpjün edijiler we sosial mediýa platformalary bilen işleşiň.

39.https://plan-international.org/uploads/2022/02/sotwgr2020-commsreport-en-2.pdf
40.Ibid.

## Türkmenistandaky halkara guramalara maslahatlar:

- Döwlet edaralarynyň bu mesele boýunça has köp barlag geçirmegi üçin mümkinçilikler dörediň.
- Mediýa we žurnalistler üçin gurallar toplumyny döretmekde ygtyýarly döwlet edarasyna ýardam beriň.
- Hökümete berlen ýokardaky maslahatlary goldaň.
- Çaganyň Hukuklary baradaky Komitetinden Çagalaryň sanly gurşawdaky hukulary barada 25-nji Umumy Teswirnamanyň onlaýn erjeşmä köpräk üns bermegini haýyş ediň.[41]
- Hökümet we raýat jemgyýeti bilen hyzmatdaşlykda jemgyýetleriň, maşgalalaryň we raýat jemgyýetleriň onlaýn gurşawa girmegiň mümkinçiliklerinden we töwekgelçiliklerinden gowy habarly bolmagy üçin sanly raýatlyk bilimi we habardarlyk başlangyjyny işläp düzüň.
- Gender deňsizligini, zyýanly gender kadalaryny we aýal-gyzlara garşy zulumy ýok etmäge gönükdirilen onlaýn erjeşmeler we zulumlar barada has giňişleýin pikir alyşmalary ýola goýuň.
- Pozitiw nusaglyk hereketleri görkezýän maglumat kampaniýalaryna hem erkekleri hem aýallary goşuň.

## Türkmenistanyň içinde we daşynda işleýän raýat jemgyýetlerine maslahatlar:

- Hasabatlary we maglumatlary paýlaşmak arkaly raýdaşlyk görkeziň.
- Şuňa meňzeş meseleleriň üstünde işleýän toparlar bilen işjeň gatnaşyň.
- Düşünjeleriň we meseleleriň düýp sebäplerini öwrenýän barlaglara başlaň we alyp baryň.
- Aýallara we gyzlara gönükdirilen kemsidiji dezinformasiýalara garşy onlaýn kampaniýalary gurnaň.

## Tehnologiýa kompaniýalaryna we sosial mediýa platformalaryna maslahatlar:

- Türkmen dilinde kemsidiji we ýigrençli dili çalt pozmak üçin moderatorlaryň sanyny köpeldiň.
- Ýerli kontentlere düşünmek we kontent syýasaty arkaly onlaýn GEZ bilen göreşmek üçin ýerli ekspertler we RJG-lar bilen maslahatlaşyň we hyzmatdaşlyk saklaň.
- Düzgün bozanlary onlaýn hereketleri üçin jezalandyryň we jogapkärçilige çekiň, şol sanda beýleki platforma düzgünlerine laýyklykda zulum edijilere wagtynda sanksiýa goýuň.[42]
- Şahsyýet aýratynlyklaryny (maýyplyk, ýaş, etnik degişlilik, bosgunlar, raýatsyz adamlar, azlyklar we ş.m.) göz öňüne tutup, ähli gyzlaryň zerurlyklaryna we tejribelerine tiz jogap berýän onlaýn GEZ-i şikaýat etmegiň netijeli mehanizmini üpjün ediň. Şol sanda, dil mümkinçiliklerini gowulandyryň hem-de töwekgeçilikleri we post duýduruşyny görkezýän kontentleri platformadan aýryň.
- Onlaýn GEZ-i nädip azaltmalydygy we şikaýat etmelidigi barada jemgyýetçilik kampaniýalaryny gurnaň.

41. Ibid.
42. Ibid.

## Halka maslahatlar:

- Jemgyýetiň ähli agzalary onlaýn erjeşmäniň we AGGZ-yň zyýanyndan we täsirlerinden habarly bolmaly, raýdaşlyk görkezmeli, zulumy jogapkärçilikli şikaýat etmeli we gyzlaryň sesini güýçlendirmeli.[43]
- Mekdepler we maşgalalar gyzlaryň onlaýn yzarlamalar barada arkaýyn gürleşmegi we olara goldaw berilýändigini duýmagy üçin howpsuz gurşawlary döretmeli.[44]
- Bu barlagyň netijeleri[41] barada pikirleniň we söhbet ediň. Bu barlagy paýlaşyň we pikiriňizi ýazyň. Munuň uly ähmiýeti bar.
- Aýal-gyzlara gönükdirilen kemsidiji onlaýn dezinformasiýa garşy kampaniýalary goldap, görelde görkeziň.
- Onlaýn kemsidiji kontentleri şikaýat ediň.
- Garaýyşlaryň we hereketleriň gizlenilende däl-de, diňe olar barada gürleşenimizde gowulaşyp biljegini unutmaň.

43.Ibid.
44.Ibid.

Türkmenistanda başga bilim çeşmeleriniň ýoklugy sebäpli, **Saglyk** türkmen dilinde gürleýänleriň öýdäki zorluk we onuň täsirleri, öýdäki zorlugyň jemgyýetiň we maşgalalaryň saglygyna salýan agramy barada öwrenip biljek ýeke-täk çeşmesidir. Biz öýdäki zorlugyň häzirkisi ýaly şahsy maşgala meselesi bolmaly däldigini düşündirýän kontentleri yzygiderli taýýarlaýarys. Biziň kontentlerimiz aklawçylaryň we lukmanlaryň maslahatlaryny, zorlugyň döwürleriniň düşündirişini we zorlugyň görnüşlerini öz içine alýar. Şeýle hem, biz sebitimizdäki we bütin dünýädäki (iňlis dilinde) ýakyn gatnaşykdaky ýoldaşyň zulumyndan goranmagyň derejesiniň deňeşdirmelerini we

Mundan başga-da, Saglyk topary aýallaryň saglygy, abort elýeterliligi, göwreliligiň öňüni alyş çäreleri, maşgalany meýilleşdirmek, çaga ölümçiligi we onuň sebäpleri barada giňişleýin kontentleri taýýarlap gelýär.

2020-nji ýyldan bäri, Saglyk öýdäki zorlugyň dürli görnüşleriniň (fiziki, psihologik, jynsy), erjeşmäniň, köpçülikde we şahsy durmuşda aýallara garşy diskriminasiýanyň pidalary ýa-da şaýatlary bolan anonim okyjylarymyzyň hekaýalaryny çap edýän **Dymma!** atly kampaniýany alyp barýar. Bu hekaýalar sosial mediýa yzarlaýjylarymyzda seslenme döredýär we kampaniýa tiz wagtda websaýtymyzyň we sosial mediýamyzyň iň köp okalýan bölümleriniň birine öwrüldi.

**BIL’IM** (Türkmen dilinde haýsy bogunyň basylyp aýdylýandygyna baglylykda "aýbaşy" ýa-da "bilim" manysyny berýär) Türkmenistanda aýal-gyzlaryň saglygy we hukuklary barada maglumat berýän ilkinji mobil aýbaşy kalendarydyr.

Programmanyň hödürleýän maglumatlary:

- abort hukuklary,
- aýallara we çagalara garşy zulum,
- Öýdäki zorlugyň pidalary üçin Aşgabatdaky gyzgyn telefon liniýasy,
- milli kanunlarda gender deňligi (bilim, iş, saglyk, aýrylyşmak),
- köçelerde we iş ýerlerinde jynsy erjeşme,
- gyzlyk perdäniň testi ýaly zyýanly medeni tejribeler,
- reproduktiw hukuklar,
- razylyk,
- sekstingiň howplary,
- onlaýn bulling,
- zorlanmanyň pidalaryna ilkinji kömek we ýardam,
- duşuşykdaky zulum.

Galyberse-de, Saglyk türkmen ýetginjekleriniň ene-atalaryndan we mugallymlaryndan soramaga çekinýän jynsy gatnaşyk we reproduktiw saglyk barada 100 soraga 100 jogap taýýarlady. Mundan başga-da, Türkmenistanda jynsy terbiýe barada maglumat elýetersizligi zerarly Saglyk türkmen dilinde gürleýän ýaş ýigitlere we gyzlara öz dillerinde ylma esaslanýan jynsy bilim almaga mümkinçilik berýär.

@saglykgram @saglyk @saglyk www.saglyk.org

www.progres.online

@progres.online

@OnlineProgres

PROGRES

Onlaýn zulumlar oflaýn dünýäniň aýnasy